***Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly baýramynyň öň ýanynda geçirilen Halk Maslahatynyň mejlisi ýurdumyzyň aýdyň geljegini, halkymyzyň bagtyýar durmuşyny nazarlaýan tekliplere hem-de netijeli çözgütlere baý boldy. Gahryman Arkadagymyzyň we hormatly Prezidentimiziň umumymilli forumda eden çuň manyly çykyşlary, il-ýurt bähbitli kabul edilen çözgütler ildeşlerimizde çäksiz hoşallyk duýgusyny döretdi. Maňa hem Gahryman Arkadagymyzyň başlyklyk etmeginde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine gatnaşmak miýesser etdi.***

Ýurdumyzy has-da gülledip ösdürmekde, halkymyzyň eşretli durmuşyny üpjün etmekde we jebisligini pugtalandyrmakda bu döwletli maslahatyň ähmiýeti juda uludyr. Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň umumymilli forumdaky çuň manyly çykyşlary göwünleri galkyndyrdy, örän ýakymly täsirleri döretdi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň: “Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biziň ýolumyz bagtyýarlygyň, berkararlygyň ýoludyr. Geçmişimizi, şu günümizi we geljegimizi berk baglanyşdyryp, biz mundan beýläk-de bu ýol bilen ynamly öňe gideris” diýen ajaýyp jümlelerinden ýurdumyza, il-günümize bolan tükeniksiz söýgini, röwşen geljegimize belent ynamy duýduk.

Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinde kabul edilen döwletli çözgütler halkymyzy täze, belent maksatlara ruhlandyrýar. Olar ata Watanymyzy mundan beýläk-de gülledip ösdürmäge, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesini has-da gowulandyrmaga gönükdirilendir. Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul edilen döwletli çözgütleriň biri-de ýurdumyzda täze etraplaryň döredilmegidir. Elbetde, munuň özi döwletli Diýarymyzda ýaýbaňlandyrylan oba hojalyk özgertmeleriniň has netijeli durmuşa geçirilmeginde, ilat üçin täze iş orunlarynyň döredilmeginde, milli ykdysadyýetimiziň mümkinçiliklerinden ýerlikli peýdalanylmagynda örän ähmiýetlidir.

Halkymyz bu gün döwlet Baştutanymyzyň daşyna mäkäm jebisleşip, gurýar, döredýär, ýurdumyzyň ösüşlerine saldamly goşant goşýar. Munuň özi watandaşlarymyzyň hormatly Prezidentimize çäksiz hormat-sarpasynyň, özleri hakda edilýän bimöçber alada buýsanjynyň nyşanydyr. Biz ýaşlar bilen geçirýän wagyz-nesihat duşuşyklarymyzda beýik döwrümiziň, abadan, bagtyýar durmuşymyzyň gadyr-gymmatyny, hormatly Prezidentimiziň durmuşa geçirýän taryhy işleriniň ähmiýetini, galyberse-de, Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisinden gelip çykýan wezipeleri olara çuň many-mazmuny bilen düşündireris. Watanymyzy ösüşleriň ak ýoly bilen ynamly öňe alyp barýan, raýatlaryň mynasyp durmuşda ýaşamagy ugrunda taýsyz tagallalary edýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlarynyň sag, ömürleriniň uzak, il-ýurt bähbitli işleriniň hemişe rowaç bolmagyny tüýs ýüregimden arzuw edýärin.

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026

**Kümüşgözel URAZOWA,**
**Aşgabat şäheriniň 96-njy orta mekdebiniň müdiri, Aşgabat şäheriniň Halk maslahatynyň agzasy.**

Все права защищены

save pdf date >>> 25.01.2026